Türkmenistanyň Prezidenti Serdar BERDIMUHAMEDOW:

– HEMIŞELIK BITARAP DÖWLETIMIZIŇ PARAHATÇYLYK HEM-DE YNANYŞMAK ÝÖRELGELERINE ESASLANÝAN DAŞARY SYÝASATY WE DIPLOMATIÝASY UZAK MÖHLETLEÝIN MILLI MAKSATNAMALARYMYZY AMALA AŞYRMAK ÜÇIN HALKARA GIŇIŞLIKDE ZERUR BOLAN ÄHMIÝETLI MÜMKINÇILIKLERIŇ DÖREDILMEGINE GÖNÜKDIRILENDIR.

BERKARAR DÖWLETIŇ TÄZE EÝÝAMYNYŇ GALKYNYŞY: DÖWLET ADAM ÜÇINDIR!

# TÜRKMENISTAN

DÜNÝÄDE BMG TARAPYNDAN YKRAR EDILEN ILKINJI BITARAP DÖWLET — BU BIZIŇ ATA WATANYMYZ — EZIZ TÜRKMENISTANDYR!

Esaslandyryjysy — Türkmenistanyň Ministrler Kabineti

Gündelik gazet. № 43 (31657). 2026-njy ýylyň 18-nji fewraly. Çarşenbe.



## GARAŞSYZ, HEMIŞELIK BITARAP TÜRKMENISTANYŇ DIPLOMATIK IŞGÄRLERINE

***Türkmenistanyň diplomatik gullugynyň hormatly işgärleri!***

Sizi Watanymyzda her ýyl giňden bellenilip geçilýän Türkmenistanyň diplomatik işgärleriniň güni mynasybetli tüýs ýürekden gutlaýaryn. «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýyly diýlip yglan edilen ýylda hem döwletimiziň halkara abraýyny has-da ýokarlandyrmak üçin täze, belent sepgitler kesgitlenildi. Siziň sebit we halkara gatnaşyklarda syýasy-diplomatik, söwda-ykdysady, medeni-ynsanperwer ugurlar boýunça hyzmatdaşlygy hemmetaraplaýyn ösdürmäge mynasyp goşandyňyzy goşjakdygyňyza berk ynanýaryn.

***Hormatly diplomatlar!***

Türkmenistan Garaşsyzlygynyň ilkinji ädimlerinden başlap, halkara gatnaşyklarda we daşary syýasatda Bitaraplyk, deňhukuklylyk, hoşniýetli goňşuçylyk ýaly binýatlyk ýörelgeleri saýlap aldy. Geçen ýyllaryň dowamynda döwletimiziň daşary syýasaty Türkmenistanyň milli bähbitlerine we Birleşen Milletler Guramasynyň esas goýujy maksatlaryna doly laýyk gelýändigini iş ýüzünde subut etdi. Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň degişli Kararnamalary bilen üç gezek ykrar edilmegi munuň aýdyň mysalydyr. Aşgabatda BMG-niň Merkezi Aziýa üçin öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkeziniň açylmagy we onuň Türkmenistanyň Hökümeti bilen netijeli işlemegi hem Bitaraplygyň parahatçylyk dörediji güýjüniň aýratyn ähmiýetini giňden açyp görkezýär.

Ýurdumyzyň halkara ähmiýetli teklipleriniň we ählumumy häsiýete eýe bolan başlangyçlary esasynda Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasy tarapyndan parahatçylyk, howpsuzlyk we durnukly ösüş ulgamyndaky möhüm Kararnamalaryň uly toplumynyň kabul edilmegi döwletimiziň bu abraýly gurama bilen strategik hyzmatdaşlygynyň netijeli mazmuna eýedigini görkezýär. Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasy tarapyndan 2025-nji ýylyň «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýlip yglan edilmegi hem bu hakykaty doly tassyklaýar. Halkara Bitaraplyk gününe bagyşlanyp geçirilen ýokary derejeli halkara forumyň jemleri Türkmenistanyň dünýä jemgyýetçiligindäki abraýyny has-da artdyrdy, döwletimiziň parahatçylyk söýüjilikli taglymatyny ýene-de bir gezek äleme ýaýdy.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe biz halkara borçnamalara hem-de halkara hukugyň ýörelgelerine berk we gyşarnyksyz eýerip, ýurdumyzyň geosyýasy hem-de geoykdysady mümkinçiliklerini parahat durmuşyň, döredijilikli ösüşiň, özara bähbitli hyzmatdaşlygyň hatyrasyna durmuşa geçirýäris. 2028-nji ýyly «Halkara hukugyň ýyly» diýip yglan etmek baradaky başlangyç bütin dünýäde parahatçylygyň diňe bir hukuk binýadyny däl, eýsem, onuň ruhy esaslaryny hem kämilleşdirýär. Bu ynsanperwer başlangyçlar halkara gatnaşyklarda özara hormat goýmak we adalatlylyk ýörelgelerini dabaralandyrmak bilen, ählumumy durnuklylygyň täze taryhy sahypasyny açýar.

Döwletimiziň daşary syýasatynyň strategik ugurlarynyň üstünlikli amala aşyrylmagy bilen birlikde, häzirki wagtda energetika, ulag-aragatnaşyk, ekologiýa, ýokary tehnologiýaly «ýaşyl» ykdysadyýet, medeni-ynsanperwer ulgam ýaly ähmiýetli ugurlarda iri halkara taslamalaryň durmuşa geçirilmegi babatda zerur şertler döredilýär. Hemişelik Bitarap döwletimiziň parahatçylyk hem-de ynanyşmak ýörelgelerine esaslanýan daşary syýasaty we diplomatiýasy uzak möhletleýin milli maksatnamalarymyzy amala aşyrmak üçin halkara giňişlikde zerur bolan ähmiýetli mümkinçilikleriň döredilmegine gönükdirilendir. Bu babatda döwletara we hökümetara derejede syýasy-diplomatik, halkara hukuk, söwda-ykdysady geňeşmeleriň netijeli gurallaryny işe girizmekde ýurdumyzyň diplomatik gullugyna uly talap bildirilýär.

Türkmenistan bu gün ösüşiň belent sepgitlerini nazarlap, nurana geljege tarap ynamly öňe barýar. Garaşsyz, hemişelik Bitarap döwletimiziň ata-babalarymyzyň ynsanperwer ýörelgelerine esaslanýan daşary syýasaty we diplomatiýasy milli maksatnamalarymyzy amala aşyrmak üçin halkara giňişlikde zerur şertleri döredýär. «Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022 — 2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasyndan» ugur alyp, ýurdumyzyň diplomatik gullugynyň işgärleri daşary syýasatymyzda parahatçylygyň we howpsuzlygyň üpjün edilmegi arkaly halkara gatnaşyklary kämilleşdirmäge çagyrýan nusgalyk syýasatymyzyň geriminiň giňeldilmegine, Türkmenistanyň dünýä giňişligindäki abraýynyň has-da belende göterilmegine işjeň gatnaşýarlar. Ýurdumyzyň milli bähbitlerini hemmetaraplaýyn goramakda we halkara gatnaşyklar ulgamyndaky belent abraýyny artdyrmakda döwletimiziň diplomatik gullugynyň işgärleriniň öňünde goýlan möhüm wezipeleri ýokary derejede ýerine ýetirjekdiklerine berk ynanýaryn.

***Türkmenistanyň diplomatik gullugynyň işgärleri!***

Sizi hünär baýramyňyz bilen ýene-de bir gezek tüýs ýürekden gutlaýaryn. Size berk jan saglyk, abadançylyk, döwletimiziň dünýä derejesindäki abraýyny has-da artdyrmak ugrunda alyp barýan işleriňizde uly üstünlikleri arzuw edýärin.

***Türkmenistanyň Prezidenti***
***Serdar BERDIMUHAMEDOW.***

## TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI HORMATLY SERDAR BERDIMUHAMEDOWA

***Çuňňur hormatlanylýan Türkmenistanyň Prezidenti!***

«Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýylynyň halkara ähmiýetli wakalara baý günlerinde Size Bütindünýä Saglygy Goraýyş Guramasynyň «Saglygy goraýyşda parahatçylygy, agzybirligi we diplomatiýany öňe sürmekde goşan goşandy üçin» atly ýörite sylagynyň gowşurylmagy mynasybetli Sizi türkmen halkynyň hem-de Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň adyndan tüýs ýürekden gutlaýaryn. Siziň janyňyzyň sag, ömrüňiziň uzak bolmagyny, halkymyzyň sagdyn durmuşy, Garaşsyz, hemişelik Bitarap Watanymyzyň abraý-mertebesiniň has-da belende galmagy ugrunda alyp barýan döwlet ähmiýetli işleriňiziň hemişe rowaçlyklara beslenmegini arzuw edýärin.

***Hormatly Prezidentimiz!***

Siziň adamzat ähmiýetli, parahatçylyk söýüjilikli, ynsanperwer we köpugurly döwlet syýasatyňyz, raýatlarymyzyň saglygy, sagdyn durmuşy ugrundaky bimöçber aladalaryňyz ýurdumyzyň saglygy goraýyş ulgamyna hemmetaraplaýyn hemaýat etmek babatdaky oňyn tagallalaryňyz bilen utgaşyp, häzirki döwürde Türkmenistanyň sagdynlygyň we ruhubelentligiň mekany hökmünde abraý-mertebesi has-da belende göterilýär. Munuň özi halkymyzyň döwletliliginden, agzybirliginden we bagtyýarlygyndan, aýratyn-da, umumadamzat bähbitli başlangyçlaryň, ägirt uly özgertmeleriň durmuşa geçirilýän, galkynyşa beslenen döwrümizde adam, onuň saglygy we abadan durmuşy barada edilýän aladanyň, ynsan gymmatlygyna goýulýan hormat-sarpanyň ýokarydygyndan nyşandyr. Siziň belleýşiňiz ýaly, halkymyzyň saglygyny goramak, ýurdumyzyň abadançylygyny gazanmak biziň iň uly maksadymyzdyr.

***Sarpasy belent Prezidentimiz!***

Eziz Watanymyzda bedew batly ösüşleriň giňden dabaralanýan günlerinde Bütindünýä Saglygy Goraýyş Guramasynyň ýokary sylagy bilen sylaglanylmagyňyz Siziň baştutanlygyňyzda ýurdumyzyň saglygy goraýyş ulgamynda alnyp barylýan işlere, Bitarap Türkmenistanyň lukmançylyk diplomatiýasyny ösdürmekdäki halkara başlangyçlaryna berilýän ýokary bahadan nyşandyr. Diýarymyzda lukmançylyk hem-de ylmy diplomatiýa babatda hyzmatdaşlygyň täze ugurlary öňe sürlüp, Birleşen Milletler Guramasynyň ýöriteleşdirilen düzümleri, şol sanda Bütindünýä Saglygy Goraýyş Guramasy bilen işjeň hyzmatdaşlyk ösdürilýär. Siziň baştutanlygyňyzda Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe «Saglyk» Döwlet maksatnamasyna laýyklykda, ynsan saglygyny goramak, sagdyn durmuş ýörelgelerini rowaçlandyrmak, bedenterbiýäni we köpçülikleýin sporty işjeňleşdirmek babatda uly işler durmuşa geçirilýär. Paýtagtymyzda Halkara sagaldyş-dikeldiş we Halkara fiziologiýa ylmy-kliniki merkezleri açylyp ulanmaga berildi, köpugurly hassahanalar, derman serişdelerini öndürýän kärhanalar yzygiderli gurulýar.

***Belent mertebeli Prezidentimiz!***

Bütindünýä Saglygy Goraýyş Guramasy we BMG-niň düzüm birlikleri bilen hyzmatdaşlygyň köpýyllyk oňyn tejribesi milli saglygy goraýyş ulgamynyň dürli ugurlary boýunça ençeme bilelikdäki taslamalaryň we maksatnamalaryň üstünlikli durmuşa geçirilýändiginiň güwäsidir. Türkmenistanyň jemgyýetçilik saglygy goraýşyny üpjün etmek ugrunda drakunkulýozyň, poliomielitiň, gyzzyrmanyň, gyzamyk we gyzylja ýaly ýokanç keselleriň doly soňuna çykylandygy, duzuň ýodlaşdyrylandygy, unuň demir we foliý turşusy bilen baýlaşdyrylandygy barada ýurdumyza halkara güwänamalardyr şahadatnamalar gowşuryldy. Bütindünýä Saglygy Goraýyş Guramasy eneligi we çagalygy goramak meselelerinde Türkmenistanyň eýeleýän ornuny goldaýar, çagalaryň hem-de ýetginjekleriň saglygyny goramak boýunça milli strategiýalary, hereketleriň meýilnamalaryny işläp taýýarlamakda goldaw berýär. Şeýle-de bu gurama we Türkmenistan 2035-nji ýyla çenli inçekeseliň dünýäde ýaýramagyny ýok etmek maksady bilen, inçekesele garşy göreşmekde üstünlikli hyzmatdaşlyk edýär.

***Hormatly Arkadagly Gahryman Serdarymyz!***

Size Bütindünýä Saglygy Goraýyş Guramasynyň «Saglygy goraýyşda parahatçylygy, agzybirligi we diplomatiýany öňe sürmekde goşan goşandy üçin» atly ýörite sylagynyň gowşurylmagy mynasybetli Sizi türkmen halkynyň hem-de Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň adyndan ýene-de bir gezek tüýs ýürekden gutlaýaryn. Siziň janyňyz sag, ömrüňiz uzak, mertebäňiz belent, halkymyzyň bagtyýarlygynyň, ýurdumyzyň abadançylygynyň bähbidine amala aşyrýan beýik işleriňiz hemişe rowaç bolsun!

Sizi hormatlamak bilen,

***Türkmen halkynyň Milli Lideri,***
***Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy,***
***Gahryman Arkadag***
***Gurbanguly BERDIMUHAMEDOW.***

---

**Onuň Alyhezreti,**
**Türkmenistanyň Prezidenti**
**jenap Serdar BERDIMUHAMEDOWA**

Allatagalanyň rehimdarlygyny alamatlandyrýan mukaddes Oraza aýynyň ýetip gelmegi bilen Siziň Alyhezretiňizi we Türkmenistanyň halkyny tüýs ýürekden gutlaýaryn. Oraza aýy dünýäniň ähli musulmanlary üçin haýyr-sogaply işler arkaly özlerini kämilleşdirmäge, jebisligi we raýdaşlygy pugtalandyrmaga ajaýyp mümkinçilikdir.

Bu mübärek aýda bilelikdäki tagallalarymyzyň netijesinde ýurtlarymyzyň arasyndaky hyzmatdaşlygyň mundan beýläkde ösdüriljekdigine hem-de pugtalandyryljakdygyna ynanýaryn.

Gudraty Güýçli Allatagaladan Siziň Alyhezretiňize we dünýäniň ähli musulmanlaryna bereket dileýärin.

***Masud PEZEŞKIAN,***
***Eýran Yslam Respublikasynyň Prezidenti.***

---

**Onuň Alyhezreti,**
**Türkmenistanyň Prezidenti**
**jenap Serdar BERDIMUHAMEDOWA**

Mukaddes Oraza aýynyň ýetip gelmegi mynasybetli Siziň Alyhezretiňize tüýs ýürekden gutlaglarymy we iň gowy arzuwlarymy beýan etmäge şatdyryn. Beýik Allatagaladan Size berk jan saglyk, bagtyýarlyk, ähli musulman ymmatyna bolsa rysgal hem-de bereket dileýärin.

Size tüýs ýürekden hormat goýýandygym baradaky ynandyrmalarymy kabul ediň!

***Şeýh Mohammed bin Zaýed AL NAHAÝÝAN,***
***Birleşen Arap Emirlikleriniň Prezidenti.***

---

**Onuň Alyhezreti,**
**Türkmenistanyň Prezidenti**
**jenap Serdar BERDIMUHAMEDOWA**

Mübärek Oraza aýynyň ýetip gelmegi mynasybetli Siziň Alyhezretiňize tüýs ýürekden gutlaglarymy we iň gowy arzuwlarymy beýan etmäge şatdyryn. Bu mukaddes aýda Beýik Allatagaladan Siziň Alyhezretiňize berk jan saglyk, abadançylyk, dostlukly türkmen halkyna we ähli musulman ymmatyna bolsa rowaçlyk hem-de gülläp ösüş dileýärin.

Size belent hormat goýýandygym baradaky ynandyrmalarymy kabul ediň!

***Şeýh Mişaal Al-Ahmad Al-Jaber AL-SABAH,***
***Kuweýt Döwletiniň Emiri.***

---

**Onuň Alyhezreti,**
**Türkmenistanyň Prezidenti**
**jenap Serdar BERDIMUHAMEDOWA**

Oraza aýynyň ýetip gelmegi mynasybetli Siziň Alyhezretiňize gutlaglarymy we iň gowy arzuwlarymy ibermäge şatdyryn.

Rehimdarlygyň aýy bolan bu mübärek aýda Beýik Allatagaladan Siziň Alyhezretiňize we ähli musulman ymmatyna bagtyýarlyk hem-de bereket dileýärin.

***Mahmud ABBAS,***
***Palestina Döwletiniň Prezidenti.***

---

**Onuň Alyhezreti,**
**Türkmenistanyň Prezidenti**
**jenap Serdar BERDIMUHAMEDOWA**

Mukaddes Oraza aýynyň ýetip gelmegi mynasybetli Siziň Alyhezretiňize tüýs ýürekden gutlaglarymy we iň gowy arzuwlarymy beýan etmäge şatdyryn. Beýik Allatagaladan Size berk jan saglyk, bagtyýarlyk, ähli musulman ymmatyna bolsa rysgal hem-de bereket dileýärin.

Size tüýs ýürekden hormat goýýandygym baradaky ynandyrmalarymy kabul ediň!

***Şeýh Mansur bin Zaýed AL NAHAÝÝAN,***
***Birleşen Arap Emirlikleriniň wise-prezidenti,***
***Premýer-ministriniň orunbasary,***
***Prezidentiň iş dolandyryş ministri.***

---

**Onuň Alyhezreti,**
**Türkmenistanyň Prezidenti**
**jenap Serdar BERDIMUHAMEDOWA**

Mukaddes Oraza aýynyň ýetip gelmegi mynasybetli Siziň Alyhezretiňize tüýs ýürekden gutlaglarymy we iň gowy arzuwlarymy beýan etmäge şatdyryn. Beýik Allatagaladan Size berk jan saglyk, bagtyýarlyk, ähli musulman ymmatyna bolsa rysgal hem-de bereket dileýärin.

Size tüýs ýürekden hormat goýýandygym baradaky ynandyrmalarymy kabul ediň!

***Şeýh Mohammed bin Raşid AL MAKTUM,***
***Birleşen Arap Emirlikleriniň wise-prezidenti,***
***Premýer-ministri, Dubaýyň häkimi.***

---

**Onuň Alyhezreti,**
**Türkmenistanyň Prezidenti**
**jenap Serdar BERDIMUHAMEDOWA**

Musulman ymmatynyň mukaddes Oraza aýyny garşylaýan şu günlerinde Size tüýs ýürekden gutlaglarymy we bagtyýarlyk, üstünlik baradaky iň gowy arzuwlarymy beýan etmäge şatdyryn.

Bu mübärek aýda Beýik Allatagaladan tutan orazalaryňyzy, doga-dilegleriňizi kabul etmegini, Türkmenistana we onuň dostlukly halkyna, şeýle hem ähli musulman ymmatyna bereket, rowaçlyk eçilmegini dileýärin.

***Şeýh Sabah Halid Al-Hamad AL-SABAH,***
***Kuweýt Döwletiniň Mirasdüşer Şazadasy.***

BITARAP, GARAŞSYZ TOPRAGYŇ NURDUR,

# TÜRKMENISTANDA INDONEZIÝA RESPUBLIKASYNYŇ ADATDAN DAŞARY WE DOLY YGTYÝARLY ILÇISI IŞE BAŞLADY

**Onuň Alyhezreti,
Türkmenistanyň Prezidenti
jenap Serdar
BERDIMUHAMEDOWA**

***Siziň Alyhezretiňiz!***

Ýurtlarymyzyň arasyndaky dostlukly gatnaşyklary mundan beýläk-de pugtalandyrmak maksady bilen, jenap Rolliansýah Soemiraty Indoneziýa Respublikasynyň Türkmenistandaky Adatdan daşary we Doly ygtyýarly ilçisi wezipesine bellemek kararyna geldim. Onuň ýokary şahsy häsiýetleri we ukyp-başarnyklary iki halkyň abadançylygynyň bähbidine ýurtlarymyzyň arasyndaky gatnaşyklary pugtalandyrmaga goşant goşup, Siziň Alyhezretiňiziň hormatyna mynasyp boljakdygyna ynam döredýär. Şunuň bilen baglylykda, Siziň Alyhezretiňizden ony hoşniýetli kabul etmegiňizi hem-de Indoneziýa Respublikasynyň wekili hökmünde ähli beýan etjeklerine doly ynanmagyňyzy haýyş edýärin.

Siziň Alyhezretiňize abadançylyk, Türkmenistanyň halkyna bolsa gülläp ösüş baradaky iň gowy arzuwlarymy beýan edýärin.

***Prabowo SUBIANTO,
Indoneziýa Respublikasynyň
Prezidenti.***

**AŞGABAT, 17-nji fewral (TDH).** Şu gün hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň tabşyrygy boýunça Mejlisiň Başlygy D.Gulmanowa Indoneziýa Respublikasynyň Türkmenistanda täze bellenilen Adatdan daşary we Doly ygtyýarly ilçisi Rolliansýah Soemiratdan ynanç hatyny kabul etdi.

Milli parlamentiň ýolbaşçysy döwlet Baştutanymyzyň adyndan diplomaty jogapkärli wezipä bellenilmegi bilen gutlap, oňa iki ýurduň arasyndaky dostlukly gatnaşyklary we özara bähbitli hyzmatdaşlygy pugtalandyrmak boýunça alyp barjak işlerinde üstünlikleri arzuw etdi.

Dostlukly ýurduň doly ygtyýarly wekili hoşniýetli arzuwlar hem-de türkmen topragynda bildirilen myhmansöýerlik üçin hoşallyk bildirip, öz gezeginde, Indoneziýa Respublikasynyň ýolbaşçylarynyň hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowa iberen mähirli salamyny ýetirdi.

Işjeň we netijeli ýagdaýda geçirilen duşuşygyň dowamynda diplomata Mejlisiň düzümi, onuň ýurdumyzyň kanunçylyk binýadyny döwrebaplaşdyrmagyň çäklerinde alyp barýan köpugurly işleri barada giňişleýin maglumat berildi. Şeýle hem ilçi Türkmenistanyň parahatçylyk söýüjilikli daşary syýasatynyň ileri tutulýan ugurlary bilen tanyşdyryldy. Şunda ýurdumyzyň dünýäde parahatçylygy, durnuklylygy, abadançylygy berkitmek babatda öňe sürýän döredijilikli başlangyçlarynyň möhüm ähmiýetine aýratyn üns çekildi. Söhbetdeşligiň barşynda ikitaraplaýyn hem-de köptaraplaýyn görnüşde, ilkinji nobatda, Birleşen Milletler Guramasynyň, beýleki abraýly halkara düzümleriň çäklerinde üstünlikli ösdürilýän türkmen-indoneziýa gatnaşyklarynyň giň ugurlary boýunça pikir alşyldy.

Duşuşygyň ahyrynda Indoneziýa Respublikasynyň Türkmenistandaky Adatdan daşary we Doly ygtyýarly ilçisi Rolliansýah Soemirat ynanyşmak, birek-birege hormat goýmak esasynda ösdürilýän hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de pugtalandyrmak üçin ähli tagallalary etjekdigine ynandyrdy.

HEPDÄNIŇ WAKALARY

# ÝYLYŇ ŞYGARY WATANYMYZYŇ ÖSÜŞINIŇ HATYRASYNA BELENT SEPGITLERE RUHLANDYRÝAR

***Milli buýsanjymyz, halkymyzyň gymmatly mirasy, Döwlet tugramyzyň bezegi bolan ahalteke bedewi häzirki wagtda täze taryhy eýýamyň özgertmeler syýasatynyň netijesinde Watanymyzyň gazanýan üstünlikleriniň, döredijilikli ösüş kuwwatynyň aýdyň nyşanyna öwrüldi.***

13-nji fewralda Mejlisiň ýolbaşçylarynyň, Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň agzalarynyň, welaýatlaryň, Aşgabat we Arkadag şäherleriniň häkimleriniň, ýokary okuw mekdepleriniň rektorlarynyň, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň ýolbaşçylarynyň gatnaşmagynda geçirilen Ministrler Kabinetiniň giňişleýin mejlisinde ykdysadyýetiň ähli pudaklary boýunça geçen ýylyň jemleri jemlenildi, täze meýilnamalar hem-de uzak möhletli wezipeler kesgitlenildi. Mejlisde kabul edilen möhüm çözgütler türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gahryman Arkadagymyz tarapyndan başy başlanyp, hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň baştutanlygynda yzygiderli durmuşa geçirilýän ugruň strategik maksatlara ýetmekde hemmetaraplaýyn häsiýete eýediginiň aýdyň mysalydyr. Bu maksatlar ýurdumyzyň innowasion ösüşini üpjün etmekden, onuň ykdysady kuwwatyny pugtalandyrmakdan, ilatyň ýaşaýyş-durmuş derejesini ýokarlandyrmakdan ybaratdyr.

Döwlet Baştutanymyz öz çykyşynda 2025-nji ýylda Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň jemlerini jemläp, «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» şygary astynda geçýän 2026-njy ýylda ýurdumyzyň öňünde durýan ileri tutulýan wezipeleri kesgitledi. Bellenilişi ýaly, halkymyzyň tutanýerli zähmeti netijesinde Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda uly üstünlikler gazanyldy, bellenilen meýilnamalar ýerine ýetirildi, döwrebap kanunlary taýýarlamak hem-de durmuşa ornaşdyrmak boýunça işler dowam etdirildi. «Ykdysadyýetimiziň ýokary ösüş depginini saklap galdyk. Jemi içerki önümiň ösüşi 6,3 göterim, şol sanda ol senagatda 1,8 göterim, söwdada 9,6 göterim, oba hojalygynda bolsa 7 göterim boldy. Maýa goýumlar 6 göterim artdy. Hasabat döwründe iri we orta kärhanalarda jemi 7 müňe golaý täze iş orny döredildi» diýip, Arkadagly Gahryman Serdarymyz belledi.

Hormatly Prezidentimiz geçen ýyl maliýeleşdirmegiň ähli çeşmeleriniň hasabyna 116 sany önümçilik we medeni-durmuş maksatly desganyň, umumy meýdany 645 müň inedördül metr bolan ýaşaýyş jaýlarynyň ulanmaga berlendigini, möhüm ähmiýetli birnäçe desgalaryň gurluşygyna badalga berlendigini, ýurdumyzyň taryhynda ilkinji «akylly» şäher bolan Arkadag şäheriniň ikinji tapgyrynyň gurluşygynyň dowam etdirilendigini aýtdy. Daýhanlarymyz ekinlerden bol hasyl alyp, ýurdumyzyň azyk howpsuzlygyny üpjün etdiler. «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly hem-de hemişelik Bitaraplygymyzyň 30 ýyllygy mynasybetli birnäçe halkara çäreler guraldy. Halkara Bitaraplyk güni mynasybetli döwlet Baştutanlarynyň we halkara guramalaryň ýolbaşçylarynyň gatnaşmagynda halkara forum ýokary derejede geçirildi. Ýurdumyzyň abraýyna abraý goşýan möhüm ähmiýetli Kararnamalar, resminamalar kabul edildi» diýip, döwlet Baştutanymyz nygtady.

Arkadagly Gahryman Serdarymyz çykyşynda: «Biz her ýyly belli bir şygar boýunça geçirýäris. Şu ýyl «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýyly diýlip yglan edildi. Bu şygar uly many-mazmuna eýe bolup, berkarar döwletimiziň at-abraýyny hasda ýokarlandyrmaga, ata Watanymyzyň mundan beýläk-de gülläp ösmegine gönükdirilen işleri amala aşyrmaga ruhlandyrýar. Munuň özi biziň üstümize uly jogapkärçiligi ýükleýär. Şoňa görä-de, bu şygary iş ýüzünde durmuşa geçirmek üçin tutanýerli zähmet çekmelidiris» diýip belledi. Öňde durýan wezipeler barada aýtmak bilen, hormatly Prezidentimiz «Türkmenistany 2026-njy ýylda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň we maýa goýum Maksatnamasyna» laýyklykda, şu ýyl umumy meýdany 900 müň inedördül metrden gowrak ýaşaýyş jaýlarynyň, 3 müň 380 orunlyk umumybilim edaralarynyň, 1 müň 80 orunlyk mekdebe çenli çagalar edaralarynyň gurlup ulanmaga berilmeginiň meýilleşdirilýändigini nygtady.

Halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini gowulandyrmak üçin bu Maksatnamany durmuşa geçirmegiň çäklerinde welaýatlarda we paýtagtymyzda ençeme desgalardyr binalaryň gurluşygyna badalga berler. Şeýle hem birnäçe desgalaryň gurluşygyny tamamlamak göz öňünde tutulýar. «Biz şu ýyl Aşgabat şäheriniň «Parahat — 7» ýaşaýyş toplumynda 30 sany ýaşaýyş jaýyny hem-de köp sanly söwda we hyzmatlar öýlerini, Büzmeýin etrabyndaky ýaşaýyş jaý toplumynda 46 sany häzirki zaman ýaşaýyş jaýyny, paýtagtymyzda 127 sany iki gatly kottej görnüşli ýaşaýyş jaýyny, 4 müň orunlyk köpugurly medeni merkezi gurup ulanmaga tabşyrarys» diýip, döwlet Baştutanymyz aýtdy.

Paýtagtymyzda Halkara pediatriýa, Halkara onkologiýa ylmy-kliniki merkezleri we Stomatologiýa merkezi ulanmaga berler. «Arçman» şypahanasynda bolsa 400 orunlyk täze binalar toplumy raýatlara hyzmat edip başlar. Şu ýyl Aşgabat — Türkmenabat ýokary tizlikli awtomobil ýolunyň Mary — Türkmenabat bölegi, Balkan welaýatynyň Gyzylarbat etrabynda täze, döwrebap oba, köpugurly elektrik stansiýasy, Türkmenbaşy etrabynyň Guwlymaýak şäherçesinde ýaşaýyş jaýlar we binalar toplumy ulanmaga berler. Şeýle hem Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň, Seýitnazar Seýdi adyndaky Türkmen döwlet mugallymçylyk institutynyň täze binalar toplumlary dabaraly açylar. Ilatyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini gowulandyrmak maksady bilen, awtomobil ýollarynyň, aragatnaşyk, suw, gaz we elektrik üpjünçilik ulgamlarynyň, suw, lagym arassalaýjy desgalaryň gurluşygyna ep-esli serişde goýberiler.

Mejlisiň barşynda hormatly Prezidentimiz käbir ýolbaşçylary wezipä bellemek we wezipeden boşatmak barada çözgütleri kabul etdi hem-de birnäçe resminamalara gol çekdi. Şolaryň hatarynda Türkmenistanyň Awtomobil ýollary ministrligini döretmek hakynda Perman, «Türkmenistany 2026-njy ýylda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň we maýa goýum Maksatnamasyny» tassyklamak hakynda, 2 müň 100 tonna çig pile öndürmegi üpjün etmek hakynda, atçylyk we sport çärelerini ýokary derejede geçirmek boýunça guramaçylyk döwlet toparyny döretmek we onuň düzümini tassyklamak hakynda, şeýle hem 3 million saýaly, pürli, miweli baglaryň we üzüm nahallaryny ekmek hakynda Kararlar we şu ýylda iri önümçilik, durmuş maksatly binalaryň hem-de desgalaryň gurluşygynyň bellenen möhletlerde ýokary hilli tamamlanmagyna we ulanmaga tabşyrylmagyna gözegçilik etmek hakynda Buýruk bar.

Mejlisde 2025-nji ýylda ýurduň iň gowy etrabyny kesgitlemek boýunça bäsleşigiň netijeleri yglan edildi. Bäsleşigiň netijelerine laýyklykda, durmuş, ykdysady we medeni görkezijiler babatda iň gowy netijeleri gazanan Daşoguz welaýatynyň Köneürgenç etraby onuň ýeňijisi diýlip kesgitlenildi. Türkmenistanyň Prezidentiniň gol çeken Buýruklaryna laýyklykda, bu etrabyň häkimligi 1 million amerikan dollary möçberinde pul baýragy bilen sylaglanyldy, şeýle hem 2026-njy ýylda etraplaryň we etrap hukukly şäherleriň arasynda täze bäsleşik yglan edildi.

Ministrler Kabinetiniň giňişleýin mejlisinden soňra, hormatly Prezidentimiziň kabul eden çözgüdine laýyklykda, ýurdumyzyň ministrlikleriniň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň maddy-enjamlaýyn binýadyny berkitmek maksady bilen, olara döwrebap awtoulaglar sowgat berildi.

Synymyzy dowam etmek bilen, 9-njy fewralda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary T.Atahallyýewiň hem-de welaýatlaryň häkimleriniň gatnaşmagynda iş maslahatyny geçirendigini bellemek gerek. Onda ýurdumyzyň oba hojalyk toplumynda we welaýatlarda alnyp barylýan işler bilen baglanyşykly meselelere garaldy.

Döwlet Baştutanymyz oba hojalyk pudagynyň milli ykdysadyýetimizdäki möhüm ornuna ünsi çekdi hem-de oba hojalyk ekinleriniň hiliniň agrotehniki kadalaryň berjaý edilmegi bilen berk baglanyşyklydygyny belledi we bugdaý ekilen meýdanlarda ideg etmek, pagta öndürijileri ýokary hilli gowaça tohumy bilen öz wagtynda üpjün etmek, ýazky ekişde ulanyljak oba hojalyk tehnikalaryny, şol sanda ýeralma hem-de gökbakja ekinleriniň ýazky ekişine ýerleri we tohumlary talabalaýyk taýýarlamak babatda degişli tabşyryklary berdi. Mary welaýatynda ýetişdirilen gant şugundyrynyň hasylyny ýygnamak işlerini, welaýatlaryň bugdaý we pagta öndürijileri bilen hyzmat ediji edara-kärhanalaryň arasynda ýerine ýetirilen işler boýunça hasaplaşyklaryň geçirilişini berk gözegçilikde saklamak barada-da tabşyryklar berildi. Şunuň bilen birlikde, döwlet Baştutanymyz welaýatlarda gurulýan medeni-durmuş, önümçilik maksatly desgalarda işleriň öz wagtynda we ýokary hilli ýerine ýetirilmegi üçin zerur çäreleri görmegi tabşyrdy.

10-njy fewralda hormatly Prezidentimiz ýurdumyza sapar bilen gelen Türkiýe Respublikasynyň söwda ministri Ömer Bolaty kabul etdi. Duşuşygyň dowamynda nygtalyşy ýaly, iki ýurduň Hökümet wekiliýetleriniň ýygy-ýygydan amala aşyrýan özara saparlary we gepleşikleri döwletlerimiziň arasyndaky hyzmatdaşlygyň pugtalandyrylmagyna uly goşant goşýar. Köp ýyllaryň dowamynda Türkiýe Respublikasy Türkmenistanyň daşary söwda dolanyşygynda öňdäki orunlary eýeläp gelýär. Özara haryt dolanyşygynyň ýylsaýyn artmagy munuň aýdyň mysalydyr.

Ikitaraplaýyn esasda geçirilýän sergiler netijeli söwda-ykdysady gatnaşyklary ösdürmekde wajyp gural bolup hyzmat edýär. Şunuň bilen baglylykda, paýtagtymyzda geçirilen Türkiýe Respublikasynyň eksport harytlarynyň sergisiniň netijeleriniň ikitaraplaýyn söwda-ykdysady gatnaşyklary has ýokary derejä çykarmaga ýardam berjekdigine, türk kompaniýalary bilen işewürlik gatnaşyklaryny mundan beýläk-de ösdürmäge, maýa goýumlary işjeň çekmäge itergi berjekdigine ynam bildirildi. Döwlet Baştutanymyz ýurdumyzyň türkmen-türk gatnaşyklaryny mundan beýläk-de ösdürmek boýunça türk tarapynyň anyk tekliplerine seretmäge we netijeli başlangyçlaryny goldamaga taýýardygyny tassyklady.

Türkmenistanyň Söwda-senagat edarasynda geçirilen Türkiýe Respublikasynyň eksport harytlarynyň nobatdaky sergisinde Türkiýäniň senagat mümkinçilikleri bilen tanyşdyrýan 100-den gowrak kompaniýa öz diwarlyklaryny ýaýbaňlandyrdy. Şolaryň hatarynda çalt depginler bilen ösýän kiçi we orta telekeçiligiň wekilleri, ägirt uly senagat kärhanalary bar.

Serginiň diwarlyklarynda senagat we maşyn gurluşygy, gurluşyk, energetika pudaklarynda, oba hojalyk toplumynda, azyk senagatynda, himiýa senagatynda, logistika, lukmançylyk, bilim we ylym ýaly ugurlarda türkiýeli hyzmatdaşlaryň gazanan sepgitleri, öňdebaryjy tejribeleri, innowasion başlangyçlary hem-de işläp taýýarlamalary görkezildi. Serginiň çäklerinde iki ýurduň wekilleriniň işewürlik duşuşyklary geçirildi. Türk kompaniýalarynyň wekilleri öndürýän enjamlary bilen işlejek türkmen hünärmenleri üçin okuw maslahatlaryny geçirmäge taýýardyklaryny beýan etdiler.

14-nji fewralda Türkmenistanyň Prezidenti, ýurdumyzyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy goşun generaly Serdar Berdimuhamedow Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň mejlisini geçirdi. Mejlisde ýurdumyzyň harby we hukuk goraýjy edaralarynda şu ýylyň ýanwar aýynda alnyp barlan işleriň netijelerine seredildi. Şeýle hem Garaşsyz döwletimizde howpsuzlygy, asudalygy üpjün etmäge, harby we hukuk goraýjy edaralaryň maddy-enjamlaýyn binýadyny berkitmäge, işini has-da kämilleşdirmäge degişli meseleleriň birnäçesi ara alnyp maslahatlaşyldy hem-de işgärleri wezipä bellemek we wezipeden boşatmak meselesine garaldy.

11-nji fewralda paýtagtymyzdaky Olimpiýa şäherçesinde ýerleşýän Merkezi Aziýada iň uly Olimpiýa stadionynda Aziýanyň Futbol konfederasiýasynyň II Çempionlar ligasynyň 1/8 finalynyň çäklerinde ýurdumyzyň «Arkadag» we Saud Arabystany Patyşalygynyň «Al-Nassr» toparlarynyň arasynda duşuşyk geçirildi. Bu wakanyň öňüsyrasynda bu ýerde iki sany metbugat maslahaty guraldy. Olaryň birinjisi «Arkadag» futbol topary — türkmen futbolynyň geljegi we buýsanjy» ady bilen, ikinjisi bolsa «Arkadag» hem-de «Al-Nassr» futbol toparlarynyň tälimçileriniň we futbolçylarynyň gatnaşmagynda boldy. Bilermenler nobatdaky duşuşygy dünýäniň dürli künjeklerinden millionlarça tomaşaçyny özüne çekjek iri sport wakasy hökmünde häsiýetlendirdiler. Meşhur ýyldyz oýunçylary düzüminde jemleýän topar bilen geçirilen oýun ýurdumyzyň futbolçylary üçin diňe bir güýç synanyşygy bolman, eýsem, türkmen futbolyny yklym derejesinde tanatmaga-da mümkinçilik berer. Şeýle hem türkmen halkynyň Milli Lideriniň başlangyjy, hormatly Prezidentimiziň goldawy bilen Türkmenistanda sporty ösdürmek boýunça ulgamlaýyn çäreleriň durmuşa geçirilýändigi, sportuň parahatçylygyň ilçisi hökmünde ornuny pugtalandyrmaga aýratyn üns berilýändigi bellenildi.

Diňe bir eminiň jürlewük çalmagy däl, eýsem, sebitde deňi-taýy bolmadyk 45 müň tomaşaça niýetlenen Olimpiýa stadionynda sport alawynyň ýakylmagy hem oýnuň başlanandygyny alamatlandyrdy. Meýdançada dartgynly hem-de täsirli göreş duşuşygyň iň soňky minutlaryna çenli dowam etdi. Oýun myhman toparyň peýdasyna 0:1 hasabynda tamamlandy. Şunuň bilen baglylykda, Gahryman Arkadagymyzyň: «Eger futbolçylarymyz utulan ýagdaýynda hem bu bäsleşik biziň halkymyz üçin toý-baýrama öwrüler, türgenlerimiz bolsa ýene-de uly üstünliklere ymtylar» diýen sözleri aýratyn bellärliklidir.

Şu günler ýurdumyzda 29-njy martda geçiriljek saýlawlaryň möhüm tapgyrlarynyň biri bolan täze döredilen etraplaryň halk maslahatlarynyň agzalarynyň hem-de Türkmenistanyň Mejlisiniň ygtyýarlyk möhletinden öň çykyp giden deputatlarynyň, welaýat, etrap, şäher halk maslahatlarynyň we Geňeş agzalarynyň saýlawlaryna dalaşgärleri hödürlemek işleri dowam edýär. Milli saýlaw kanunçylygyna, tassyklanan degişli meýilnama laýyklykda, dalaşgärleri hödürlemek işlerine ýurdumyzyň Demokratik partiýasynyň, Senagatçylar we telekeçiler partiýasynyň, Agrar partiýasynyň degişli komitetleri, raýatlar toparlary gatnaşýarlar. Saýlawlarda giň wekilçilik ýörelgesiniň berjaý edilmegine aýratyn üns berilýär.

Şeýlelikde, geçen hepdäniň wakalary ýurdumyzyň döwrüň talaplaryna laýyk gelýän öňdebaryjy özgertmeleriň esasynda ynamly ösüş ýolunda öňe barýandygynyň aýdyň güwäsine öwrüldi. 2026-njy ýylyň «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» diýlip atlandyrylan şygary bolsa täze üstünliklerde, giň gerimli özgertmeleriň anyk netijelerinde, hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň baştutanlygynda durmuşa geçirilýän, Watanymyzyň ykdysady kuwwatyny has-da pugtalandyrmaga, onuň dünýä giňişligindäki abraý-mertebesini ýokarlandyrmaga, halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş derejesini has-da gowulandyrmaga gönükdirilen başlangyçlarynda öz beýanyny tapýar.

***(TDH)***

BEÝIK IŞLERIŇ DÖWRI

# GURMAK WE DÖRETMEK ÝOLY BILEN

***Döwletli Diýarymyzda amala aşyrylýan giň gerimli işlerde, ýaýbaňlandyrylan gurluşyklarda, durmuşa geçirilýän iri taslamalarda beýik döwrümiziň döredijilik ruhy aýdyň duýulýar. 13-nji fewralda geçirilen Ministrler Kabinetiniň giňişleýin mejlisinde ýurdumyzyň gurluşyk we senagat ulgamynda durmuşa geçirilen işler, gazanylan ösüşlerdir öňde durýan wezipeler barada aýdylanlar hem munuň aýdyň beýanydyr.***

Hemişelik Bitaraplygymyzyň şanly 30 ýyllygy giňden dabaralandyrylan Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda ýurdumyzyň gurluşyk we binagärlik ulgamynda döwletli tutumlar üstünlikli amala aşyrylyp, uly ösüşler gazanyldy. Hökümetiň giňişleýin mejlisinde bellenilişi ýaly, 2025-nji ýylda maliýeleşdirmegiň ähli çeşmeleriniň hasabyna 116 sany önümçilik we medeni-durmuş maksatly desga ulanyşa tabşyryldy. Milli Liderimiziň egsilmez yhlasy, hormatly Prezidentimiziň hemaýatgoldawlarydyr taýsyz tagallalary bilen Köpetdagyň eteginde dörän, ýurdumyzyň taryhynda ilkinji «akylly» şäher bolan Arkadag şäheriniň ikinji tapgyrynyň gurluşygy depginli dowam etdirildi. Il-ýurt bähbitli şeýle giň gerimli işler ýurdumyzy has-da ösdürmek boýunça kabul edilen döwlet maksatnamalarynyň netijeli durmuşa geçirilýändiginiň anyk mysallarydyr.

Ministrler Kabinetiniň giňişleýin mejlisinde hasabat berlişi ýaly, 2025-nji ýylda ýurdumyzyň gurluşyk we senagat toplumy tarapyndan öndürilen önümleriň we ýerine ýetirilen işleriň meýilnamasy 101,9 göterim ýerine ýetirildi. Şunda degişli meýilnamalaryň berjaý edilişiniň Gurluşyk we binagärlik ministrliginde 114,5, Senagat we gurluşyk önümçiligi ministrligi boýunça 109,7 göterime barabar bolandygy hem bu ulgamda ýaýbaňlandyrylan özgertmeleriň uly üstünliklere beslenýändigini tassyklaýar. Ýurdumyzda ýaýbaňlandyrylan gurluşyk işlerinde desgalaryň ýokary hilli bina edilmegi we öz wagtynda ulanyşa tabşyrylmagy möhüm talaplaryň biri hökmünde kesgitlenendir. Hormatly Prezidentimiz agzalan Hökümet mejlisinde şunuň bilen bagly Buýruga gol çekdi. Resminama laýyklykda, 2026-njy ýylda iri önümçilik we durmuş maksatly binalaryň hem-de desgalaryň gurluşygynyň bellenen möhletlerde ýokary hilli tamamlanmagyna we ulanmaga tabşyrylmagyna, degişlilikde, Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasarlaryna, welaýatlaryň we Aşgabat şäheriniň häkimliklerine gözegçilik etmek tabşyryldy. Türkmenistanyň Gurluşyk we binagärlik ministrligi bolsa bu ugurda iri önümçilik, durmuş maksatly binalaryň hem-de desgalaryň gurluşygynyň hiline gözegçiligi güýçlendirmek bilen, möhlet tertibine laýyklykda, her aýda ulanmaga tabşyryljak binalarydyr desgalary kesgitläp, olaryň geçiriljek çäreleriň we açyljak medeni-durmuş maksatly binalaryň aýlyk Tertibine goşulmagyny üpjün eder. Munuň özi mukaddes Garaşsyzlygymyzyň şanly 35 ýyllygy giňden belleniljek «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýylynyň hem ýurdumyzda köp sanly binalardyr desgalaryň açylyşlaryna beslenjekdiginiň güwäsidir.

Geçen ýyl tutuş ýurdumyz boýunça umumy meýdany 645 müň inedördül metr bolan ýaşaýyş jaýlary açylyp ulanmaga berildi. Ministrler Kabinetiniň giňişleýin mejlisinde hormatly Prezidentimiz «Türkmenistany 2026-njy ýylda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň we maýa goýum Maksatnamasyna» laýyklykda, şu ýyl hem umumy meýdany 900 müň inedördül metrden gowrak ýaşaýyş jaýlaryny ulanmaga bermegiň meýilleşdirilýändigini aýtdy. «Biz şu ýyl Aşgabat şäheriniň «Parahat — 7» ýaşaýyş toplumynda 30 sany ýaşaýyş jaýyny hem-de köp sanly söwda we hyzmatlar öýlerini, Büzmeýin etrabyndaky ýaşaýyş jaý toplumynda 46 sany häzirki zaman ýaşaýyş jaýyny, paýtagtymyzda 127 sany iki gatly kottej görnüşli ýaşaýyş jaýyny, 4 müň orunlyk köpugurly medeni merkezi gurup ulanmaga tabşyrarys» diýip, döwlet Baştutanymyz Hökümet mejlisinde aýtdy. Halkyň bähbitlerine gönükdirilen şeýle tutumly özgertmeler Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň: «Her bir maşgalany häzirki zaman öýi ýa-da jaýy bilen üpjün etmek meniň esasy aladalarymyň biri bolar» diýen sözleriniň iş ýüzündäki aýdyň güwäsidir.

Şu ýyl ýurdumyzyň saglygy goraýyş, ylym-bilim ulgamlarynda hem iri binadyr desgalaryň ençemesi açylyp ulanmaga berler. Olaryň hatarynda Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň hem täze binalar toplumynyň bardygy bizi örän begendirýär. Bilşimiz ýaly, hormatly Prezidentimiziň degişli Kararyna laýyklykda, 2023-2024-nji okuw ýylynyň ilkinji gününde institutymyzyň 5 müň orunlyk täze binalar toplumynyň düýbi tutulypdy. Aşgabat şäheriniň Görogly köçesiniň ugrunda «Ajaýypgurluşyk» hususy kärhanasy tarapyndan bina edilýän täze binalar toplumynda häzirki wagtda gurluşyk işleri depginli alnyp barylýar. Ýokary okuw mekdebiniň döwrebap binalary mukaddes Garaşsyzlygymyzyň şanly 35 ýyllyk baýramynyň öňüsyrasynda, täze okuw ýylynyň ilkinji günlerinde professor-mugallymlardyr talyplara ajaýyp sowgat bolar.

Ýeri gelende bellesek, Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk instituty 2012-nji ýylyň 25-nji maýynda Türkmenistanyň Prezidentiniň degişli Permanyna laýyklykda döredildi. Häzirki wagtda ýokary okuw mekdebinde 7 fakultet, 26 kafedra hereket edip, 3 müňden gowrak talyp bilim alýar. Institutda her ýyl 600-den gowrak hünärmen taýýarlanylýar.

Ýurdumyzy bedew batly ösüşlere besleýän, halkymyzy gurmagyň we döretmegiň ýoly bilen ynamly öňe alyp barýan hormatly Prezidentimiziň hem-de Milli Liderimiziň janlarynyň sag, ömürleriniň uzak, il-ýurt, umumadamzat bähbitli işleriniň mundan beýläk-de rowaç bolmagyny arzuw edýäris.

***Yslamberdi TYLLANUROW,
Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk
institutynyň uly mugallymy.***

# BAÝDAGYŇ BELENTDIR DÜNÝÄŇ ÖŇÜNDE!

### 18-nji FEWRAL — TÜRKMENISTANYŇ DIPLOMATIK IŞGÄRLERINIŇ GÜNI

## BITARAP TÜRKMENISTANYŇ MILLI BÄHBITLERINIŇ GORAGYNDA




***Her ýylyň 18-nji fewraly Türkmenistanyň daşary syýasat ulgamynyň işgärleri üçin çuňňur many-mazmuna eýedir. Çünki bu sene hünär taýdan bitewüligimizi, agzybirligimizi we milli diplomatiýamyzyň ýokary taglymatlaryny eziz Diýarymyzda hem-de tutuş dünýäde dabaralandyrýar.***

**Mälim** bolşy ýaly, hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda oňyn Bitaraplyk, parahatçylyk söýüjilik, hoşniýetli goňşuçylyk ýörelgelerini öňe sürýän Türkmenistanyň dünýä bileleşigindäki halkara abraýy barha pugtalanýar. Ählumumy parahatçylygyň, howpsuzlygyň we durnukly ösüşiň hatyrasyna Türkmenistanyň öňe sürýän daşary syýasy başlangyçlary giň goldawa eýe bolýar. Netijeli halkara hyzmatdaşlyk strategiýasyny üstünlikli durmuşa geçirip, Türkmenistan özara bähbitli gatnaşyklaryň çäklerini yzygiderli giňeldýär hem-de sebit, umumadamzat meseleleriniň oýlanyşykly we sazlaşykly çözgütlerine oňyn goşandyny goşýar. Bu gün hünär baýramçylygyny giňden toýlaýan türkmen diplomatlary dünýäde abraýy arşa galýan eziz Watanymyzyň gatnaşýan derwaýys halkara işlerine dahyllydyklary üçin özlerini juda bagtly hasaplaýarlar.

Aslynda, diplomatiýa parahatçylygy döretmegiň guralydyr, diplomatlar bolsa dünýäde parahatçylygy dabaralandyryjylardyr. «Diplomatik gulluk hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda, diplomatik gulluk — bu döwlet gullugynyň Türkmenistanyň daşary syýasat ugrunyň durmuşa geçirilmegi boýunça ygtyýarlyklaryň ýerine ýetirilmegi, halkara gatnaşyklar çygrynda Türkmenistanyň, onuň raýatlarynyň we ýuridik şahslarynyň hukuklaryna we kanuny bähbitlerine wekilçilik edilmegi hem-de olaryň goralmagy bilen baglanyşykly görnüşidir. Gahryman Arkadagymyzyň asylly ýoluny dowam etdirýän hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda amala aşyrylýan «Bitarap Türkmenistanyň daşary syýasat ugrunyň 2022 — 2028-nji ýyllar üçin Konsepsiýasy» halkymyzyň parahatçylyk söýüjilik, hoşniýetlilik, birek-birege hormat goýmak, özara düşünişmek ýörelgelerine esaslanýar hem-de ýurdumyzyň häzirki wagtda alyp barýan hemişelik Bitaraplyk syýasatynyň düýp özenini düzýär. Türkmenistanyň Bitaraplyk ýyllary içinde toplan oňyn tejribesi milli çäklerden çykyp, halkara jemgyýetçilik üçin nusga bolup durýar. Türkmenistanyň tejribesi döwletleriň häzirki ählumumy ýagdaýlarda diňe bir özygtyýarlylygy gorap saklamak bilen çäklenmän, eýsem, diplomatiýanyň we ykdysady hyzmatdaşlygyň gurallaryny ulanmak arkaly sebit hem-de ählumumy howpsuzlygyň arhitekturasyny gurmaga işjeň gatnaşmaga ukyplydygyny görkezýär.

Ýurdumyzyň häzirki daşary syýasatynyň binýatlary Gahryman Arkadagymyz hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyz tarapyndan köp ýyllaryň dowamynda yzygiderli ösdürilýär we kämilleşdirilýär. Türkmen halkynyň Milli Lideriniň öňe süren «Ösüş arkaly parahatçylyk» şygary ösüşiň ähli ugurlarynyň diňe durnuklylyk we parahatçylyk şertlerinde mümkin bolýandygyny subut edýär. «Dialog — parahatçylygyň kepili» atly filosofiýa bolsa häzirki zaman halkara gatnaşyklarynda täze filosofik garaýyş bolmak bilen, ýüze çykýan halkara hem-de döwletara meseleleriň diňe dialog, ýagny gepleşikler we syýasy-diplomatik gurallar arkaly çözülmeginiň zerurdygyny göz öňünde tutýar. Hormatly Prezidentimiz tarapyndan teklip edilen «Parahatçylyk we ynanyşmak» ýörelgesi-de dünýäde durnukly ösüşi güýçlendirmegiň diňe halklardyr döwletleriň arasynda ynanyşmagy pugtalandyrmak arkaly mümkindigini görkezýär. Bu başlangyçlar bir bitewi düşünjäni emele getirip, ol parahatçylygyň ösüşi döredýändigi, ynanyşmagyň bolsa netije hökmünde howpsuzlygy we durnukly ösüşi berkidýändigi baradaky çuňňur pikiri özünde jemleýär. Bu möhüm syýasy taglymatlar halkara şertlerde halklaryň we döwletleriň jebisleşmegi, parahatçylyk, ynanyşmak medeniýetiniň dünýä syýasatynyň derwaýys şerti hökmünde kesgitlenilmegi üçin ygtybarly esas bolup hyzmat edýär.




Gahryman Arkadagymyz «Türkmenistan — Bitaraplygyň mekany» atly kitabynyň «Bitaraplyk: gadymy gözbaşlardan şu güne çenli» atly babynda anyk mysallara ýüzlenip, türkmen Bitaraplygynyň taryhy köklerini filosofik nukdaýnazardan örän inçeden yzarlaýar. Türkmen halkynyň Milli Lideri hemişelik Bitaraplygymyzyň binýadyndan söz açyp, müňýyllyk çynarlaryň hiç garraman, görnükli hem kuwwatly sütünleri bilen bakylyk nyşany ýaly bolup, sarsman, saýa salyp oturýandygyny, Bitarap Watanymyzyň ösüşlerini alamatlandyryp, dik ýokary ösýän derek agaçlarynyň şahalarynyň asmana ümzük atyp, güýçli kökleriniň bolsa daşyndan seretseň, Zeminiň çuňluklarynda görünmän galýandygyny, daragty ýaşadýan esasyň, binýadyň şol kökleridigini nygtaýar. Elbetde, taryhy köklerde düýp özen, çuňňur many-mazmun jemlenýär. Bitaraplygymyzy äpet çynara, derege deňesek, onuň kökleri taryhymyzyň çuňlugyndan güýç-gurbat alýandyr. Taryhdaky şöhratly türkmen döwletleriniň mysalynda bolsa şu günki milli diplomatiýamyz üçin dowam edip boljak ýörelgeleriň we gymmatly maglumat çeşmeleriniň bardygyny görmek bolýar.

> ***«Biz köp ýyllaryň dowamynda Türkmenistanyň diplomatik gullugynyň işiniň kämilleşdirilmegi, onuň maliýe we maddy-tehniki üpjünçiliginiň berkidilmegi, diplomatlaryň hünär ussatlygynyň ýokarlandyrylmagy ugrunda tagalla edýäris. Döwletimiziň şeýle uly aladalaryna diplomatik işgärler Türkmenistanyň daşary syýasat strategiýasyny üstünlikli durmuşa geçirmek we onuň halkara abraýyny yzygiderli beýgeltmek arkaly jogap bermelidirler».***
>
> ***Hormatly Prezidentimiziň «Türkmenistanyň Bitaraplygy — parahatçylygyň we ynanyşmagyň aýdyň ýoly» atly kitabyndan.***

Türkmen diplomatiýasynyň nusgalyk sahypalarynda Hun, Parfiýa, Beýik Seljuklar ýaly imperiýalaryň şöhratly tejribesini, baý medeni-siwilizasion mirasyny ylmy taýdan seljermek möhüm bolup durýar. Türkmen döwletlerini we ülkelerini öwrenen taryhçylar, syýahatçylardyr alymlar ata-babalarymyzyň hoşniýetlilik, lebzine ygrarlylyk, ejizi, goldawa mätäçleri elmydama penalamak, goňşulary bilen agzybir, parahat ýaşaşmagyň mümkin bolan ähli usullaryny peýdalanmak, güýje däl-de, pähim-paýhasa daýanmak, döwleti adalatly dolandyrmak ýaly häsiýetleri barada ýazypdyrlar. Milli Liderimiz öz kitaplarynda, çykyşlarynda, türkmen Bitaraplygy hakyndaky garaýyşlarynda taryha çuňňur ser salýar. Şunda Gahryman Arkadagymyzyň «Türkmenistan — Beýik Ýüpek ýolunyň ýüregi» atly kitaby türkmen Bitaraplygynyň taryhyny öwrenmek jähetinden hem örän ähmiýetlidir. Milli Liderimiz kitapda Aziýa sary ýola düşen günbatar ýewropaly täjirleriň, adatça, öz hökümdarlaryndan ýa-da rim ybadathanasyndan ýörite tabşyryk alandyklaryny ýazýar. Pederlerimiziň diplomatiýa sungatyna ussatlyk bilen erk edip, çylşyrymly meseleleri parahatçylykly ýollar bilen çözmek arkaly dawalaryň öňüni alyşlarynyň hem-de dawalaşýan taraplary ylalaşdyryp bilişleriniň ýurdumyzyň daşary syýasat ýörelgelerinde mynasyp orun eýeleýändigini düýpli açyp görkezýär.

Gahryman Arkadagymyz döwletimize baştutanlyk eden döwründe dünýä ýüzünde ýurdumyzyň we halkymyzyň milli bähbitlerini goraýan diplomatlarymyzyň işlerine uly hormatyň nyşany hökmünde 2021-nji ýylyň 9-njy fewralynda «Türkmenistanyň ussat diplomaty» diýen tapawutlandyryş nyşanynyň döredilmegi hakynda taryhy Karara gol çekipdi. Bu çözgüt Türkmenistanyň diplomatik gullugynyň ähli işgärlerini belent maksatlara, uly sepgitlere ruhlandyrýar, ýokary netijelere we beýik başlangyçlara borçlandyrýar. Türkmen diplomatiýasy geçen ýyllaryň içinde baý tejribe we bilim goruny toplady, iş usullaryny kämilleşdirdi. Häzirki wagtda diplomatik gullugymyz döwlet ösüşiniň aýrylmaz bölegi bolmak bilen, ýurdumyzyň parahatçylygyny, howpsuzlygyny üpjün etmekde, dostluk, hoşniýetli goňşuçylyk, beýleki döwletler bilen hyzmatdaşlyk etmek üçin amatly şertleri döretmekde möhüm wezipeleri ýerine ýetirýär.

Hormatly Prezidentimiz hem-de türkmen halkynyň Milli Lideri Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanyň parahatçylyk döredijilikli daşary syýasatyny we diplomatiýasyny üstünlikli dowam etdirmekde ýaş nesilleri mynasyp terbiýelemäge, hakyky watansöýüjileri ýetişdirmäge aýratyn üns berýärler. Türkmenistanyň Prezidentiniň 2008-nji ýylyň 20-nji martyndaky Permany bilen Türkmenistanyň diplomatik gullugy üçin işgärleri hünär taýdan taýýarlamagyň we kämilleşdirmegiň bitewi ulgamyny döretmek, daşary syýasat we halkara gatnaşyklar babatda işleýän döwlet edaralaryny ýokary hünärli hünärmenler bilen üpjün etmek, şeýle hem halkara gatnaşyklaryň we häzirki zaman dünýäsiniň ösüşiniň düýpli meseleleri boýunça ylmy-barlag işini alyp barmak maksady bilen, Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary instituty döredilipdi. Bu gün ýurdumyzyň diplomatik gullugy üçin zerur bolan halkara derejeli hünärmenleri taýýarlamak institutyň öňünde goýlan esasy wezipe bolup durýar.

Bitarap Türkmenistana, Gahryman Arkadagymyza, hormatly Prezidentimize ak ýürekden wepaly gulluk etmek, dünýä ýurtlarynda Watanymyza mynasyp wekilçilik edip, onuň milli bähbitlerini goramak türkmen diplomatlarynyň esasy maksadydyr. Bu jogapkärçilikli ýolda «Ösüş arkaly parahatçylyk» şygary, «Dialog — parahatçylygyň kepili» atly filosofiýa, «Parahatçylyk we ynanyşmak» ýörelgesi olaryň baş çelgisidir. Her ýylyň 18-nji fewralynda bellenilýän Türkmenistanyň diplomatik işgärleriniň güni bolsa diňe bir hünär baýramy bolman, eýsem, daşary syýasatyň sebitleýin we ählumumy howpsuzlyk babatdaky strategik ornunyň ykrar edilmeginiň nyşanydyr. Pursatdan peýdalanyp, Arkadagly Gahryman Serdarymyzy, Gahryman Arkadagymyzy, halypalyga gol beren ussatlarymyzy, ýurdumyzyň diplomatik korpusynyň wekilleri bolan ähli kärdeşlerimizi hem-de bu asylly käriň geljekki eýeleri bolan halkaraçy talyplary Türkmenistanyň diplomatik işgärleriniň güni bilen tüýs ýürekden gutlaýarys. Goý, milli diplomatiýamyzyň beýik taglymatlary eziz Diýarymyzda we bütin dünýäde giňden dabaralansyn!

*Esen AÝDOGDYÝEW,*
*Türkmenistanyň Russiýa Federasiýasyndaky Adatdan daşary we Doly ygtyýarly ilçisi.*

## TÜRKMEN DIPLOMATIÝASYNYŇ ÝOKARY MEKDEBI
### *asylly däbi mynasyp dowam etdirýär*

***Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe giň halkara hyzmatdaşlyk syýasatynyň üstünlikli durmuşa geçirilmegi netijesinde Türkmenistan dünýä giňişliginde parahatçylygyň, durnuklylygyň we ynanyşmagyň belent nusgasyny görkezýär. Her ýylyň 18-nji fewralynda bellenilýän Türkmenistanyň diplomatik işgärleriniň güni diňe bir hünär baýramçylygy bolman, eýsem, ýurdumyzyň halkara abraýynyň, alyp barýan hoşniýetli goňşuçylyk syýasatynyň hem dabaralanýan günüdir.***



Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow tarapyndan 2009-njy ýylda Türkmenistanyň diplomatik işgärleriniň gününiň esaslandyrylmagy ýurdumyzyň daşary syýasat ugruna döwlet derejesinde berilýän uly ünsüň aýdyň güwäsi boldy. Gahryman Arkadagymyzyň esaslandyran bu asylly däbi bu günki gün Arkadagly Gahryman Serdarymyz tarapyndan mynasyp dowam etdirilip, türkmen diplomatlarynyň täze nesliniň kemala gelmegine itergi berýär. Hormatly Prezidentimiziň Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda baky Bitaraplygymyzyň şanly 30 ýyllygynyň öňüsyrasynda halkymyza peşgeş beren «Türkmenistanyň Bitaraplygy — parahatçylygyň we ynanyşmagyň aýdyň ýoly» atly kitaby bolsa bu ugra berilýän ünsüň täze belentlige göterilmesidir.

Döwlet Baştutanymyz ajaýyp eserinde türkmen diplomatiýasynyň milli mekdebiniň ornuna ýokary baha berip: «Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary instituty hem öňdebaryjy ylmyň we bilimiň merkezi hökmünde ýurdumyzyň diplomatik ýörelgelerini halkara derejede amala aşyrmaga ukyply hünärmenleri taýýarlamakda möhüm orny eýeleýär. Bu ýokary okuw mekdebi Bitaraplyk syýasatynyň çäklerinde halkara hyzmatdaşlygy ösdürmäge ukyply diplomatlary taýýarlamak boýunça möhüm wezipäni ýerine ýetirýär» diýip belleýär. Hormatly Prezidentimiziň bu sözleri institutymyzyň öňünde durýan wezipeleriň diňe bir jogapkärli däl, eýsem, mukaddesdigininiň we strategik taýdan ähmiýetlidigininiň hem aýdyň güwäsidir. Munuň özi biziň professor-mugallymlarymyzdan dünýäniň iň täze pedagogik usullaryny okuw işine ornaşdyrmagy, talyplardan bolsa halkara ülňülere laýyk gelýän döwrebap bilimleri özleşdirip, olary milli bähbitlerimiz bilen utgaşdyrmagy talap edýär. Bu belent ynam olary dünýäniň ylmy-diplomatik giňişliginde bäsdeşlige ukyply hünärmenler bolmaga, Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplyk ýörelgelerini ylmy taýdan esaslandyrmaga we dünýä dilleriniň, sanly tehnologiýalaryň kömegi bilen ýurdumyzyň halkara abraýyny täze belentliklere çykarmaga borçlandyrýar.

Hormatly Prezidentimiziň başlangyjy bilen 2025-nji ýyl Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasy tarapyndan «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýlip yglan edildi. Ýylyň dowamynda geçirilen 100-e golaý halkara çäre, şol sanda dekabr aýynda Aşgabatda döwlet Baştutanlarynyň gatnaşmagynda guralan ýokary derejeli halkara forum Türkmenistanyň ählumumy durnuklylyga goşýan ägirt uly goşandyny nobatdaky gezek tassyklady. Häzirki zaman dünýä syýasaty diňe bir döwletara gatnaşyklaryň nusgawy usullaryny däl, eýsem, ylmyň we tehnologiýanyň iň soňky gazananlarynyň utgaşmasyny, çeýe diplomatik çemeleşmeleri hem talap edýär. Şoňa görä-de, türkmen diplomatiýasynyň milli mekdebi ýurdumyzyň Bitaraplyk syýasatynyň çäklerinde halkara hyzmatdaşlygy täze belentliklere götermäge ukyply, giň gözýetimli diplomatlary taýýarlamak boýunça özüne ynanylan möhüm wezipäni yzygiderli amala aşyrýar.

Halkara gatnaşyklar ulgamynda hünär ussatlygynyň iň esasy guraly bolan daşary ýurt dillerini kämil özleşdirmek bilim ojagymyzyň ileri tutýan ugurlarynyň biridir. Institutymyzda dilleriň hünär aýratynlyklaryna laýyklykda, çuňňur ylmy esasda öwredilmegi ýurdumyzyň halkara hyzmatdaşlyk köprülerini has-da berkitmäge, dürli döwletler we halklar bilen özara düşünişmegi üpjün etmäge goşant goşjak hünärmenleri kemala getirmekde aýratyn ähmiýete eýedir. Halkara gatnaşyklar boýunça hünärmen milli diplomatiýanyň ýörelgelerini halkara derejede amala aşyrmaga, dürli sebitleriň wekiliýetleri bilen medeniýetli hem-de özara hormat goýmak esasynda gepleşikleri alyp barmaga ukyply bolmalydyr. Bu bolsa dilleriň köpdürlüligini we inçe öwrümlerini öwrenmegiň diplomatik etiketiň aýrylmaz bölegidigini görkezýär.

Häzirki döwürde dünýä diplomatiýasynda sanly ulgamyň we maglumat tehnologiýalarynyň orny barha artýar. Hormatly Prezidentimiz tarapyndan «öňdebaryjy ylmyň we bilimiň merkezi» diýlip atlandyrylýan bilim ojagymyzda sanly diplomatiýanyň esaslarynyň öwredilmegi, şeýle hem «Parahatçylyk medeniýeti» atly ÝUNESKO klubunyň, Durnukly ösüş maksatlary boýunça ylmy-usulyýet, Türkmenistanyň diplomatiýasynyň möhüm ugurlary boýunça okuw, Strategik barlaglar boýunça ylmy, «Diplomatik protokol» atly ýöriteleşdirilen okuw merkezleriniň hereket etmegi munuň aýdyň mysalydyr. Sanly platformalar arkaly Türkmenistanyň medeni gymmatlyklaryny, parahatçylyk söýüjilikli başlangyçlaryny we ykdysady mümkinçiliklerini dünýä jemgyýetçiligine ýetirmek ýaş hünärmenlerimiziň öňünde duran möhüm wezipedir. Sanly diplomatiýa diňe bir habar alyşmak däl, eýsem, ýurdumyzyň at-abraýyny dünýä ýaýmagyň hem guralydyr. Şoňa görä, biziň talyplarymyz döwrebap diplomatiýanyň bu netijeli gurallaryny ussatlyk bilen ulanmagy özleşdirip, ýurdumyzyň halkara hyzmatdaşlygynyň täze belentliklere göterilmegine, döwletimiziň umumadamzat ähmiýetli başlangyçlarynyň dabaralandyrylmagyna mynasyp goşantlaryny goşmalydyrlar.

Diplomat — bu öz halkynyň taryhyny, medeniýetini we milli gymmatlyklaryny kalbynda göterýän hakyky watançydyr. Şu nukdaýnazardan, Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynda talyplaryň özleşdirýän çuňňur bilimleri geljekde olaryň Birleşen Milletler Guramasynyň we beýleki abraýly halkara guramalaryň belent münberlerinde, iri halkara maslahatlarda, möhüm gepleşiklerde ýurdumyzyň milli bähbitlerini gorap bilmekleri üçin ygtybarly çelgi bolar. Bu barada Arkadagly Gahryman Serdarymyz: «Türkmenistanyň milli bähbitlerini hemmetaraplaýyn goramak we halkara giňişlikdäki belent abraýyny has-da artdyrmak boýunça ýurdumyzyň diplomatik gullugynyň öňünde goýlan möhüm wezipeleriň ýokary derejede ýerine ýetiriljekdigine berk ynanýaryn» diýip belleýär. Döwlet Baştutanymyzyň bu ynamy tejribeli diplomatlarymyz, professor-mugallymlarymyz, talyplarymyz üçin diňe bir ruhy goldaw bolman, eýsem, uly jogapkärçilik hem mukaddes borçdur. Biz geljekki diplomatlarymyzyň hakyky watansöýüji, ýurdumyzyň bähbitlerini gorap bilýän, öz hüneriniň ussatlary bolup ýetişjekdiklerine berk ynanýarys hem-de bu maksatlaryň myrat tapmagy üçin ähli tagallalarymyzy gaýgyrmaýarys. Çünki hemişelik Bitaraplyk syýasatymyzyň binýady bolan parahatçylyk we ynanyşmak ýörelgelerini mundan beýläk-de dabaralandyrmak, döwletimiziň ählumumy başlangyçlaryny dünýä ýaýmak biziň baş maksadymyzdyr.

Türkmen diplomatiýasynyň milli mekdebiniň düýbüni tutan Gahryman Arkadagymyzy hem-de ýurdumyzyň parahatçylyk söýüjilikli daşary syýasat ugruny täze belentliklere göterýän Arkadagly Gahryman Serdarymyzy, milli diplomatik gullugyň ähli işgärlerini Türkmenistanyň diplomatik işgärleriniň güni bilen tüýs ýürekden gutlaýarys.

*Gülşat ÝUSUPOWA,*
*Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň rektory.*

## Oraza geldi ilime



# SAHAWAT AÝÝ

***Ynsanperwerlik, hoşniýetlilik, parahatçylyk söýüjilik ýörelgelerini rowaçlandyrýan milli däp-dessurlarymyz we ynanç-ygtykatlarymyz baý öwüşginlere eýe bolup, olaryň gymmaty, ähmiýeti barha artmak bilen. Asyrlaryň dowamynda emele gelen ahlak we ruhy gymmatlyklarymyz, ynsanperwer ýörelgelerimiz halkymyza belent maksatlara tarap ynamly gadam urmaga gujur-gaýrat berýär, manyly ýaşamaga ruhlandyrýar. Şoňa görä-de, beden we ruhy tämizlige, ahlak arassalygyna aýratyn ähmiýet beren pederlerimiziň asylly ýörelgelerini özümize nusga edinýäris.***

**Halkymyz** gadymy döwürlerden bäri Oraza aýyna parahatçylygy hem-de ruhy päkligi alamatlandyrýan, haýyr-sahawaty, pähim-paýhasy dabaralandyrýan, hoşniýetli garaýyşlary giňeldýän hem-de agzybirligi pugtalandyrýan mukaddes aý hökmünde garaýar. Ol musulman hasaby boýunça ýylyň dokuzynjy aýydyr. Bu aýda oraza tutulýar, ýagny agyz beklenýär, munuň özi yslam dininiň bäş sütünlerinden biridir. Şeýle hem öten-geçenleriň ruhuna degsin edilip, agzaçar sadakalary berilýär, ýagşy doga-dilegler edilýär. Oraza adamlary ruhy taýdan päkize, kanagatly, kiçigöwünli, geçirimli we sahy bolmaga çagyrýan nurana aýdyr.

Öz milli däp-dessurlaryna, ruhy-ahlak gymmatlyklaryna uly sarpa goýmagy başarýan türkmen halky aýlaryň serweri hasaplanýan mukaddes Oraza aýyna uly umyt-arzuwlar bilen gadam basdy. Haýyr işleriň bitirilýän bu aýynda ildeşlerimiz agyz bekläp, birnäçe parz amallaryny berjaý ederler, birek-birege iň ýagşy arzuwlary aýdarlar. Aksakgal ýaşulularymyzyň hoşniýetli hereketleri ýaşlar üçin görelde mekdebi bolup durýar. Umumy taryha, medeniýete dahyllydygyňy duýmak, oňa guwanmak we buýsanmak ýaly duýgular tutuş halky jebisleşdirýär. Halkymyzyň beýik ruhy dessurlary milli häsiýeti esaslandyrýar.

Dini çeşmelerde aýdylyşyna görä, Oraza parzy Allatagala ýakynlaşdyrýan möhüm ädimdir. Uzakly gün agyz beklemek we beýleki birnäçe ygtykatlary, parzlary berjaý etmek — bu Haka wepaňy, yhlasyňy, ygraryňy mälim etmekdir. Hut şonuň üçin-de musulman ymmaty bu aýa sabyrsyzlyk bilen garaşýar. Akyldar şahyrymyz Magtymguly Pyragynyň:

*Ýylyň dört paslynda — on iki aýda,*
*Remezan diýerler aýyň ýagşysyn... —*

diýip ýazyşy ýaly, bu mukaddes aýyň haýyr-sogaby iňňän uludyr. Ruhy taýdan päklenmegiň aýy hasaplanýan mukaddes Oraza aýy şükranalyk, hoşniýetlilik, sahawatlylyk ýaly ynsanyň iň gözel häsiýetlerini ýüze çykarýar. Bu aýda näçe köp ýagşylyk etseň, soňra şol eden ýagşy işleriň nur bolup üstüňe ýagýar diýlip ynanylýar. Sebäbi Gurhanyň ilkinji aýatlary hut Oraza aýynda Ýere inderilipdir.

Oraza aýynyň mübärek pursatlarynyň hatarynda Gadyr gijesine aýratyn orun degişli. Gurhanyň şu gije bilen baglanyşykly süresinde şeýle diýilýär. «Biz Gurhany Gadyr gijesinde inderdik. Gadyr gijesiniň nähili gijedigini bilýärmiň? Gadyr gijesi müň aýdan has haýyrlydyr. Rebbiniň emri bilen Jebraýyl aleýhyssalam hem perişdeler bilen şu gijede Zemine iner durarlar. Şol gije tä daň atýança perişdeler musulman ynsanlara salam bererler...». Şoňa görä-de, toba edenleriň günäsi geçilýän Gadyr gijesine örän ykjam taýýarlyk görýärler. Goňşular bolup üýşülip, öten-geçenler we olaryň haýyrly işleri ýatlanylýar, doga-dilegler edilýär. «Her gijäni Gadyr bil, her kimsäni — Hydyr» diýlen halk aýtgysynda hem gapyňdan gelen her bir adama töröňden orun bermek, gowy garşy almak öwüt-nesihat edilýär.

Gahryman Arkadagymyzyň «Ömrümiň manysy» atly kitabynda belleýşi ýaly, oraza tutmak hem ruhy, hem beden sagdynlygy üçin örän peýdalydyr. Bu aýy agyz beklemek we köp ýagşy işleri etmek bilen geçiren adamyň göwni galkynýar, ruhy belent bolýar. Ruhubelentligiň bolsa ynsanyň beden sagdynlygyna uly täsir edýändigi äşgärdir. Oraza tutmagyň düzgünleri agyz bekleýän adamdan ýaramaz endiklerden gaça durmagy hem talap edýär.

Musulmanlaryň esasy baýramlarynyň biri hem Oraza baýramydyr. Ol Orazanyň 30-njy güni agşam başlanýar. Baýramda musulmanlar metjitlerde ýa-da öwlüýälerde baş pitre, sadaka berýärler, köpçülik bolup namaz okaýarlar. Oraza baýramy Gündogar halklarynyň, şol sanda türkmen halkynyň asylly däp-dessurlaryny, milli ýörelgelerini özüne siňdiren we olary baýlaşdyran iň gadymy baýramlaryň biri hasaplanýar. Şulardan görnüşi ýaly, adamlary päkizelige, sahawatlylyga, agzybirlige çagyrýan Oraza aýynyň ybadatlary ynsan üçin-de, jemgyýet üçin-de peýdalydyr.

Häzirki wagtda ruhy mirasymyz, ajaýyp däp-dessurlarymyz, ýol-ýörelgelerimiz mynasyp dowam etdirilýär. Halkymyz kalby sahawatly, ýagşy işleri amal etmegi, gurmagy, döretmegi başaran ata-babalarymyzyň köp asyrlyk däp-dessurlarynyň sarpasyny belent tutýar. Mukaddes hakydany kalbynda saklap we ony asylly işler bilen baýlaşdyryp, bedew bady bilen bagtly geljegine tarap ynamly gadam urýar.

Mübärek Remezan aýynda tutulýan orazalar, berilýän sadakalar, edilýän doga-dilegler Beýik Biribaryň dergähinde kabul bolsun!

***Hudaýberen ABRAÝEW.***
***«Türkmenistan».***

# ÇAR TARAPDAN DIPLOMATIK HABARLAR

## *Mobil goşundysy işe girizildi*

Ýurdumyzyň diplomatik işgärleriniň hünär baýramçylygynyň bellenilýän günlerinde Türkmenistanyň Daşary işler ministrligi



tarapyndan ykjam mobil goşundysy işe girizildi. Ol ulanyjylara gündelik täzelikler, ministrligiň we onuň ulgamyna girýän edaralaryň, ilkinji nobatda, Türkmenistanyň daşary ýurtlardaky diplomatik wekilhanalarynyň, konsullyk edaralarynyň, halkara guramalaryň ýanyndaky hemişelik wekilhanalarynyň işi baradaky maglumatlar bilen tanyşmaga, şeýle-de ýerli ulanyjylara konsullyk hyzmatlaryndan peýdalanmak üçin onlaýn nobata durmaga mümkinçilik berýär. Türkmenistanyň Daşary işler ministrligine degişli maglumatlaryň bir ýerde jemlenmegini üpjün edýän ykjam mobil goşundysy türkmen, rus we iňlis dillerinde elýeterlidir. Ulanyjylar goşundyny «Google Play», «App Store» internet dükanlaryndan ýükläp alyp bilerler.

## *Pikirleriň we täze mümkinçilikleriň köprülerini berkidip*

Düýn Türkmenistanyň Tbilisidäki ilçihanasynda Gruziýanyň köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň wekilleri üçin ýurdumyzda 2026-njy ýylyň «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýyly diýlip atlandyrylmagyna bagyşlanan brifing geçirildi. Oňa «1TV», «Obýektiw» teleýaýlymlarynyň, «The Georgian Business Week» işewürlik neşiriniň, «Europe 24» mediaholdinginiň, «Georgia Press» guramasynyň, «News Day Georgia» habarlar agentliginiň, «Geoecohub» onlaýn neşiriniň, «Resonans», «Mnogonasionalnaýa Gruziýa», «Swobodnaýa Gruziýa», «Komsomolskaýa prawda», «Weçerniý Tbilisi», «Wrastan» gazetleriniň žurnalistleri, «Geocase» seljeriş merkeziniň wekilleri çagyryldy.



Türkmenistanyň Gruziýadaky Adatdan daşary we Doly ygtyýarly ilçisi D.Seýitmämmedow brifingde eden çykyşynda 2026-njy ýylyň şygarynyň ösüşiň milli ugurlaryny, halkyň jebisligini, ahalteke bedewleriniň Türkmenistanyň ösüşe hem-de täze sepgitlere ymtylmasynyň nyşany hökmünde eýeleýän ornuny şöhlelendirýändigini belledi. Şeýle-de duşuşyga gatnaşyjylar hormatly Prezidentimiziň «Türkmenistanyň Bitaraplygy — parahatçylygyň we ynanyşmagyň aýdyň ýoly» atly kitaby bilen tanyşdyryldy. Kitapda türkmen Bitaraplygynyň kemala gelmeginiň tapgyrlaryna, ählumumy parahatçylygy, howpsuzlygy, durnukly ösüşi üpjün etmek boýunça BMG-niň Baş Assambleýasynyň Kararnamalary bilen üç gezek ykrar edilen hemişelik Bitaraplyk hukuk derejesiniň ähmiýetine üns berilýär. Ilçi türkmen-gruzin hyzmatdaşlygy barada-da durup geçip, ýokary derejeli saparlaryň yzygiderli we uzak möhletleýin gatnaşyklar üçin täze mümkinçilikleri açýandygyny nygtady.

Brifingiň dowamynda «The Georgian Business Week» neşiriniň baş redaktory W.Miroşniçenko Türkmenistana bagyşlanan žurnalyň nobatdaky sany bilen tanyşdyrsa, Gruziýanyň at gazanan žurnalisti, professor B.Naçkebia türkmen Bitaraplygynyň dünýäde parahatçylygy berkitmäge, halklaryň arasynda dostlukly gatnaşyklary ösdürmäge goşýan goşandyna aýratyn ünsi çekdi.

## *Şanly ýylyň şygary Almatyda wagyz edildi*

Almaty şäherindäki Abylaý Han adyndaky Gazak halkara gatnaşyklary we dünýä dilleri uniwersitetinde geçirilen çäre hem 2026-njy ýylyň «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» şygaryna bagyşlandy. Uniwersitetiň ýolbaşçylarynyň, professor-mugallymlarynyň, bu ýerde bilim alýan türkmen talyplarynyň gatnaşmagynda guralan duşuşykda edilen çykyşlarda Türkmenistan bilen Gazagystanyň arasyndaky hoşniýetli goňşuçylyk, dostluk syýasatynyň umumy medeni we taryhy gatnaşyklar bilen aýrylmaz baglanyşyklydygy nygtaldy. Bu bolsa iki ýurduň arasyndaky strategik hyzmatdaşlygyň berk binýadyny emele getirýär.

Çäräniň dowamynda döwlet Baştutanymyzyň «Türkmenistanyň Bitaraplygy — parahatçylygyň we ynanyşmagyň aýdyň ýoly» atly kitaby hem tanyşdyryldy. Çykyş edenler bu gymmatly eserde türkmen Bitaraplygynyň gadymy gözbaşlarynyň, taryhy ähmiýetiniň, döwletimiziň özboluşly halkara hukuk derejesiniň häzirki zamanyň derwaýys meseleleriniň aýdyňlaşdyrylmagyndaky, netijeli çözülmegindäki ornunyň düýpli açylyp görkezilýändigine ünsi çekdiler.

Türkmen talyplary tarapyndan ýerine ýetirilen milli aýdymsazlar, «Bilezik», «Küştdepdi» ýaly medeni çykyşlar çärä gatnaşyjylarda ýakymly täsirleri galdyrdy.

## *Hemişelik wekil ynanç hatyny gowşurdy*

Türkmenistanyň Saud Arabystany Patyşalygyndaky Adatdan daşary we Doly ygtyýarly ilçisi M.Aýazow ýurdumyzyň Yslam Hyzmatdaşlyk Guramasynyň (YHG) ýanyndaky hemişelik wekili wezipesine resmi taýdan girişdi.

Guramanyň Jidda şäherindäki ştab-kwartirasynda YHG-nyň Baş sekretary Hisseýn Brahim



Taha diplomatdan ynanç hatyny kabul edip, Türkmenistanyň yslam dünýäsindäki aýratyn ornuny nygtady. Onuň sözlerine görä, häzirki wagtda Türkmenistan tarapyndan alnyp barylýan hemişelik Bitaraplyk syýasaty diňe bir sebitde däl, eýsem, YHG-nyň giňişliginde hem parahatçylygy we ynanyşmagy berkitmekde netijeli gural bolup hyzmat edýär. Türkmen diplomaty hem ýurdumyzyň bu abraýly düzümiň işine goşandyny giňeltmegi, aýratyn-da, medeniýet, bilim, ykdysady ugurlarda hyzmatdaşlygy işjeňleşdirmegi maksat edinýändigini tassyklady.

***Taýýarlan***
***Aýgül RAHYMOWA.***
***«Türkmenistan».***

REDAKSIÝANYŇ POÇTASYNDAN

# *Aýdyň maksatlar ugrunda*

***Geçen oba hojalyk ýyly ýurdumyzyň ähli sebitleri üçin düşümli bolup, çekilen zähmet miwesini bolluk bilen eçildi. Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň Ministrler Kabinetiniň 13-nji fewralda geçirilen giňişleýin mejlisinde oba hojalyk pudagynyň öňünde goýan wezipeleri bizi has-da yhlasly işlemäge ruhlandyrdy.***

Hormatly Prezidentimiziň nygtaýşy ýaly, ýurdumyzda oba hojalyk we azyk önümleriniň önümçiligini artdyrmak arkaly azyk howpsuzlygyny berkitmek häzirki döwrüň möhüm wezipeleriniň biridir. Sebäbi oba hojalyk önümlerini gaýtadan işlemek, taýýar önümleri öndürýän kärhanalaryň döwrebaplaşdyrylmagy ýurdumyzyň ykdysady kuwwatyny has-da artdyrýar.

Arkadagly Gahryman Serdarymyz ekin we öri meýdanlaryny netijeli ulanmagy möhüm talap hökmünde öňe sürdi. Ýurdumyzda ekinleriň we miweli baglaryň ýokary hasyl berýän täze sortlaryny döretmek, tohumçylyk ulgamyny kämilleşdirmek boýunça alnyp barylýan işler bizi örän begendirýär. Hormatly Prezidentimiziň suw tygşytlaýjy tehnologiýalary ornaşdyrmak, goşmaça suw gorlaryny döretmek, ýerleriň melioratiw ýagdaýyny gowulandyrmak baradaky tabşyryklary-da örän wajypdyr. Bu ugurda alnyp barylýan işler geljek ýyllaryň hem bereketli bolmagyna hyzmat eder. Şeýle-de maldarçylyk, guşçulyk pudaklaryny döwrebap tehnologiýalar esasynda ösdürmek boýunça öňde goýlan wezipeler ýurdumyzyň azyk senagatynyň ösüşine täze itergi berer.

Biz — oba hojalykçylar hormatly Prezidentimiziň beren tabşyryklaryny üstünlikli ýerine ýetirmek üçin üstümizdäki ýylda-da yhlasly zähmet çekeris. Oba hojalyk pudagynyň önümçilik kuwwatyny artdyrmak, ylmyň we tehnologiýanyň gazananlaryny giňden ornaşdyrmak arkaly ýurdumyzy bagy-bossanlyga öwürmek ugrunda tutanýerli işläris. Şeýle mümkinçilikleri döredip berýän Gahryman Arkadagymyza we Arkadagly Gahryman Serdarymyza tüýs ýürekden hoşallyk bildirýäris.

***Ogulnur HAÝYDOWA,***
***Saýat etrabynyň «Watan» daýhan birleşiginiň agronomy,***
***Türkmenistanyň Mejlisiniň deputaty.***

# *Bilim — rowaçlygyň çeşmesi*

***Gahryman Arkadagymyz: «Bilim täzelenişiň we döredijiligiň çeşmesidir» diýip belleýär. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwri bilim özgertmeleriniň rowaçlanýan, täzelenişiň we döredijiligiň döwrüdir. Bilim bagtyýar döwrümiziň galkynyşlarynyň güýjüdir, ösüşleriň ganatydyr. «Okaýan il ozar, okamaýan il tozar», «Bilim bilen hikmet — altyndan gymmat», «Bilimli ölmez, bilimsiz gülmez», «Bilimli uçar, bilimsiz gaçar» diýýän halkymyz nesilleriniň tälim-terbiýeden, sowat-bilimden, ylymdan ýüki ýetik bolmagyny ile goşulmagyň esasy şerti hasaplaýar.***

«Türkmenistany 2026-njy ýylda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň we maýa goýum Maksatnamasynyň» esasy maksatlarynyň biri-de adam maýasyny ösdürmek, bilimde, ylymda, tehnikada gazanylan oňyn netijelere esaslanyp, milli bilim ulgamyny kämil derejede guramak, ýokary taýýarlykly hünärmenleri ýetişdirmek we ýaşlar syýasatyny ösdürmek bolup durýar. Şu ýyl çagalaryň döwrebap bilim-terbiýe almagy üçin ýokary şertleri döretmek, bilim we ylym ulgamynyň işini kämilleşdirmek, okuw meýilnamalaryny, maksatnamalaryny, okuw kitaplaryny ösen halkara tejribä laýyklykda döwrebaplaşdyrmagy dowam etdirmek boýunça wezipeler öňde goýulýar. «Türkmenistanda umumybilim maksatnamalary boýunça okatmagyň usulyýetini kämilleşdirmegiň 2028-nji ýyla çenli Konsepsiýasyna» laýyklykda orta mekdeplerde toplumlaýyn işler alnyp barylýar.

Gürrüňi edilýän Maksatnama laýyklykda, şu ýyl 3 müň 380 orunlyk umumybilim edaralaryny, 1 müň 80 orunlyk mekdebe çenli çagalar edaralaryny gurup ulanmaga bermegiň meýilleşdirilýändigi bu ugurdaky döwlet bilim syýasatynyň rowaçlanýandygyny görkezýär. Şeýle-de şu ýyl Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň, Seýitnazar Seýdi adyndaky Türkmen döwlet mugallymçylyk institutynyň täze binalar toplumlary dabaraly açylar. Bu döwrebap binalar milli bilim ulgamynyň maddy-enjamlaýyn binýadyny pugtalandyryp, okuwlaryň hiliniň has-da ýokarlanmagyna şert döreder.

Hormatly Prezidentimiziň 13-nji fewralda geçiren Ministrler Kabinetiniň giňişleýin mejlisinde ýurdumyzda bilim edaralarynyň işini kämilleşdirmegiň, bilim tehnologiýalaryny giňden ornaşdyrmagy dowam etdirmegiň, hünär bilimini kämilleşdirip, hünärmenleri taýýarlamagyň hilini ýokarlandyrmagyň, alnyp barylýan ylmy-barlag işlerini ilerletmegiň, bu ugurda halkara hyzmatdaşlygyň gerimini giňeltmegiň möhümdigi hakynda aýdanlary bilim işgärleriniň, mugallymlaryň öňünde möhüm wezipeleri goýýar. Şoňa görä-de, döwlet Baştutanymyzyň sargytlaryna wepaly bolup, biz hem üstümizdäki şanly ýylda «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» şygaryny iş ýüzünde durmuşa geçirmek ugrunda tutanýerli zähmet çekip, ýurdumyzda gazanylýan ösüşlere öz mynasyp goşandymyzy goşarys. «Ata Watanymyzy mundan beýläk-de has-da gülledip ösdürmek biziň baş maksadymyzdyr» diýýän Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň, halkymyzy belent sepgitlere, aýdyň maksatlara ruhlandyrýan Gahryman Arkadagymyzyň janlary sag, ömürleri uzak, il-ýurt bähbitli işleri hemişe rowaç bolsun!

***Dünýägözel URAZOWA,***
***Aşgabat şäherindäki tebigy ugurly dersleri çuňlaşdyryp öwredýän ýöriteleşdirilen 75-nji orta mekdebiň müdiri.***

# Tehnikalar abatlanýar

Daşoguz welaýatyndaky Saparmyrat Türkmenbaşy etrap «Obahyzmat» önümçilik kärhanasynda gowaça ekişinde ulanyljak oba hojalyk tehnikalaryny we gurallaryny möwsüme taýýar etmek babatdaky işler tamamlaýjy tapgyrda alnyp barylýar.

Bu ýerde häzirki wagtda dürli görnüşli bejergi traktorlarynyň 104-si, sürüm traktorlarynyň 99-sy, azallaryň 101-si, çizelleriň 10-sy, kultiwatorlaryň 81-si, ekijileriň 66-sy, ýer tekizleýijileriň 50-siniň agramly bölegi doly abatlanyp, taýýarlyk hataryna çykaryldy. Kärhananyň ussahanalarynda ätiýaçlyk şaýlarynyň goruny döretmek babatdaky işlerem gyzgalaňly dowam edýär. Tehnikalara iş üstünde tehniki, ýangyç hyzmatlaryny etmäge niýetlenen ulaglardyr gurallaryň göwnejaý abatlanmagy gowaça ekişiniň we onuň möwsümleýin ideg işleriniň guramaçylykly geçiriljekdigini kepillendirýär.

***Gurban GURBANOW.***
***(Öz habarçymyz).***

## JEMGYÝETÇILIK KABUL EDIŞLIGI

21-nji fewralda Türkmenistanyň Adalat ministrliginiň, Baş prokuraturasynyň, Ýokary kazyýetiniň işgärleriniň we Aşgabat şäher adwokatlar kollegiýasynyň agzalarynyň gatnaşmaklarynda hukuk meseleleri boýunça raýatlaryň jemgyýetçilik kabul edişligi geçirilýär.

**Kabul edişlik Aşgabat şäheriniň Arçabil şaýolunyň 150-nji jaýynda — Türkmenistanyň Adalat ministrliginiň binasynda sagat 9:00-dan 12:00-a çenli geçirilýär. Telefon belgileri: 39-19-20, 39-19-21.**

TÜRKMENISTAN
Esaslandyryjysy — Türkmenistanyň Ministrler Kabineti
Gazet 1920-nji ýylyň 29-njy iýulyndan bäri çykýar.

Baş redaktor Kakamyrat REJEBOW

**REDAKSIÝANYŇ SALGYSY:** Aşgabat şäheri, Garaşsyzlyk şaýoly, 100, Türkmenbaşynyň erkin döredijilik mekany.
**TELEFON BELGILERI:** kabulhana: 38-60-88, 39-96-99; baş redaktoryň orunbasary: 39-95-06; jogapkär kätip: 39-95-67; kätiplik: 39-95-68;
**BÖLÜMLER:** döwlet we jemgyýetçilik durmuşy: 39-95-96; kanunçylyk we halkara gatnaşyklar: 39-95-76; oba özgertmeleri, senagat we ekologiýa: 39-95-94; sanly ykdysadyýet we telekeçilik: 39-95-75; medeniýet, sungat, taryh we edebiýat: 39-95-73; ylym-bilim we ýaşlar durmuşy: 39-95-95; saglyk, sport, syýahatçylyk we tebigat: 39-95-71; mahabatlar we bildirişler: 39-95-69; hat-habarlar: 39-95-68. Faks belgisi: 75-18-35.
**WELAÝATLARDAKY HABARÇYLARYMYZ:** Ahalda: (+993137) 3-70-03; Balkanda: (+993222) 6-25-75; Daşoguzda: (+993322) 7-00-57; Lebapda: (+993422) 3-26-83; Maryda: (+993558) 6-62-48.
**ELEKTRON SALGYSY:** turkmenistan_gazeti@sanly.tm
**Gazeti elektron görnüşde «turkmenmetbugat.gov.tm» we «metbugat.gov.tm» internet sahypalaryndan hem-de «Türkmenmetbugat» mobil goşundysyndan okap bilersiňiz.**
Redaksiýa gelen golýazmalar we fotosuratlar yzyna gaýtarylmaýar, olara jogap we syn berilmeýär. «Türkmenistan» gazetinden makalalar, eserler, fotosuratlar göçürilip çap edilende, gazete salgylanmak hökmandyr. Indeksi — 69460. Gazetiň asyl nusgasy Hojalyk hasaplaşygyndaky redaksion birleşigiň Kompýuter merkezinde taýýarlanyldy. Gazet Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Ölçegi A-2, möçberi 2 ç.k. A-118119 Nusgasy 24000 sany.
**Gazetiň çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefon belgisi: 39-95-36.**



Bahasy 30 teňňe.